WALDEMAR ZORN

# WAGT BILEN BAKYLYGYŇ ARASYNDA

## HUDAÝYŇ ADAMY HALAS EDIŞ MEÝILNAMASY



Ölümden direlmäniň güýji — Hudaýyň Ýygnagynyň güýjüdir. Ol bu güýç bilen ýaşaýar. Şol güýç bilen üpjün edilen Ýygnak Hudaýyň Patyşalygy üçin bütin dünýäniň ýüzündäki adamlary gazanmak üçin ýüze çykdy.

Söz ynsan bolup, aramyzda
ýaşady. Ol merhemetden we
hakykatdan doludy. Biz Onuň
şöhratyny, …gördük.

Ýohanna 1:14

WALDEMAR ZORN

# WAGT BILEN BAKYLYGYŇ ARASYNDA

## HUDAÝYŇ ADAMY HALAS EDIŞ MEÝILNAMASY

Waldemar Zorn
*Wagt bilen bakylygyň arasynda*
Hudaýyň adamy halas ediş meýilnamasy

© 2018 Waldemar Zorn
Türkmen neşiri üçin

Bu elektron görnüşde erkin surata
alnyp ýa-da paýlanyp bilner

# MAZMUNY

Ilkibaşda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .5
Hudaý ökündi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .11
Araratdan Babyla çenli . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .17
Nesilbaşylar döwri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .23
Dagdaky ýagtylyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .29
Bulaşyk müňýyllyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .35
Wagtyň dolulygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .41
Ölümden direlmäniň şaýatlarynyň döwri . . . . . . . . . . .47
Atlary göklerde ýazylanlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .53
Gutulyşy gözleýäne birnäçe maslahat . . . . . . . . . . . . . .59

Mundan beýläkki ösüşiňiz üçin biziň «Iman hem ýaşaýyş» atly žurnaly teklip edip biljek. Siz oňa

*www.lio.ru*

ýa-da

*www.sns.org.ua*

ýa-da

*wzorn@lio.org*

salga hat ýazmak arkaly ýazylyp bilersiňiz.

Eger sizde sorag bar bolsa, bize
şu salgylara hat ýazyň.

# ILKIBAŞDA

Reb Musa: «Bu ýeňşi ýatdan
çykarmazlary ýaly kitaba ýaz…» diýdi.

Müsürden çykyş 17:14





Entek Älem, biziň guwanýan ajaýyplygymyz, gözelligimiz we aňyrsy-bärsi bolmadyk giňişlikler, ýagtylygam, wagtyň özi hem ýokka, töweregi sansyz-sajaksyz perişdelere gurşalan Hudaý Ýerde ozal ýaşap geçen, ýaşap ýören ýa-da ýaşajak her bir adama dahylly bolan karary kabul etdi. Ol bakylykdaky ajaýyplygy hem akyl ýetirip bolmajak eşreti adamlar bilen paýlaşma kararyna geldi. Ony beýle etmäge näme itekledi? Biz diňe çaklap bileris. Hudaýyň söýgi bolup durýandygyny biz Mukaddes Kitapdan bilýäris. Söýgi bolsa, mydama özünde bar zadyny paýlaşmak isleýär.

Islendik ýagdaýda-da Hudaý bu kararyň Özüne näme getirjekdigini bilýärdi. Ol Öz ýaradanlarynyň azatlygynyň Özüne nähili baha düşjekdigini bilýärdi. Ýöne deň derejedäkiler bilen gatnaşygy diňe azat ýaradylyş bilen saklap bolýardy. Entek ynsan ýokdy, azatlykdan bolsa, nur perişdesi peýdalanyp ýördi we ol Hudaýa garşy baş göteripdi. Şeýdip, adamzadyň geljeginde saýlaw mümkinçiligi peýda bolýar.

Ilkibaşda Hudaý göze görünýän bütin dünýäni adamzadyň geljegi üçin dörän ýer hökmünde ýaratdy. Galaktikany, ýyldyzlar toplumlaryny, planetalary hemralary bilen birlikde ýaratmak, olary Älemiň uç-gyraksyz giňişliginde ýerleşdirmek bilen Reb, ýyldyzly

asmana sereden adam Hudaý hakda pikir eder diýip niýet etdi. Ol seni we meni göz öňünde tutdy.

Ýeri, tebigaty, ösümlik hem haýwanat dünýäsini ýaradanynda Hudaý biz hakda, ýagny bakylykda bile bolmak isleýän adamlary hakda pikir etdi.

Adam bilen Howy ýaradanynda Hudaý olaryň özlerine sowgat berlen durmuşy we azatlyk saýlawyny nähili ulanjakdyklaryny bilýärdi. Ol diňe bir bilmek bilen çäklenmän, eýsem, şol saýlawyň olarda bolmagy üçin hemme zady hem etdi. Onuň Özi Öz elleri bilen ajaýyp bag ekdi-de, ol ýere ilkinji är-aýaly ýerleşdirdi hem-de olara gyzykly hem wajyp ýumşy buýurdy: baga seretmeli we ony goramaly.

«Reb Hudaý jennetiň ortasynda ýagşylygy hem ýamanlygy bilme agajyny ösdürdi». Soň Hudaý ynsana ýagşylygy hem ýamanlygy bilme agajynyň miwesinden iýmegi gadagan etdi, ýagny Hudaý ynsana azatlyk berdi.

Hudaý näme üçin beýle etdi? Eger şol agaç bolmadyk bolsa, onda biz entegem jennetde ýaşardyk! Bilemok, bilemok… Ýöne çaganyň päkligi bilen uly adamyň mukaddesliginiň arasynda tapawudyň bardygyny bilýärin. Hudaý adama synalmagy üçin azat erki berdi: päklik synagdan geçip, mukaddeslige öwrülýär. Hudaý bakyýetde Öz ýanynda mukaddesleriň bolmagyny isledi, sebäbi Onuň Özi mukaddes.

Erem bagynda Hudaýyň ynsana azat erki berendigi, Howuň synalma taryhynda, has aýdyň görünýär. Hudaý biziň öz çagalarymyza edişimiz ýaly, onuň

elinden tutup: «Bolanok! Men saňa şol miweden iýmeli däldigini aýdypdym ahyry!» — diýmedi. Ol adamyň azatlygyna diýseň hormat goýýar, şeýle-de bolsa, şol azatlygyň Özüne nähili baha düşjekdigini hem bilýärdi. «Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa öwgüler bolsun! Ol Mesih arkaly bizi gökdäki ruhy ýalkanyşlaryň ählisi bilen ýalkady. Öz huzurynda mukaddes we müýnsüz bolmagymyz üçin, biri-birimizi söýüp, Isa Mesihe degişli bolmagymyz üçin, Hudaý bizi dünýä ýaradylmazdan öň saýlap-seçdi» (Efesliler 1:3–4). Dünýä ýaradylmazyndan öň ebedi bolan Hudaý, biziň azatlygymyzyň bahasyny tölemek üçin, haçda tüýkürilen, ýenjilen we masgara edilen ýagdaýda asylgy durjakdygyny bilýärdi.

Hudaý günä edenleri Erem bagyndan kowandan soň, otly gylyjy bolan keruby bagy goramak üçin goýdy. Meniň pikirimçe, adamlar wagtyň täsirine duçar bolany üçin («ölüm bilen ölersiň») günäli dünýäde galmazlary ýaly hem-de Mesihde halas bolmaga mümkinçiligi bolup, bakyýete geçer ýaly, Hudaý adaty däl ýagdaýy döretdi, sebäbi ynsan bakyýet üçin ýaradylypdy. Bu barada Mukaddes Ýazgy: «Biz bolsa iman edendigimiz üçin, dynçlyk mekanyna gireris (*kontekstde — ýaradylyşyň ýedinji güni*)» diýýär (Ýewreýler 4:3). Hudaýyň gökdäki dynçlygynyň, Onuň «dynçlyk gününiň» şöhlelenmesi bolan Sabat güni biziň hemmämize niýetlenilip ýaradylan bakyýeti, ýitirilen jenneti, oňa gaýdyp barmaga mümkinçiligiň bardygyny, biziň saýlaw azatlygymyz üçin tölenilen

bahany hem-de Isa Mesihiň halas ediji gurbanlygyny kabul etme mümkinçiligimiziň bardygyny bize mydama ýatladýar. Ol bize Älemiň maksadyny — Ýaradanyň Özi bilen söýgüli gatnaşykda bolmaga çagyrylandygymyzy ýatladýar.

# HUDAÝ ÖKÜNDI

«Reb Hudaý: “Men adamzady
ebedilik ýaşatmaryn…”»

Gelip çykyş 6:3





Ararat dagy

Ine-de, olar, ýer ýüzündäki ilkinji ynsanlar, olar durlar. Olar özleriniň Erem bagyna barýan ýollaryny ýapyp duran köp ganatly hem öwşün atyp duran keruba we otly tegelege seredip bilmeýärler. Boldy! Hemme zat — jennet, bakyýet, Hudaý bilen gatnaşyk — gutardy. Saýlaw edildi. Bije atyldy: ölüm bilen ölersiň.

Jennetden kowulma we ynsanyň ölüm kanunyna, wagta tabyn bolmagy — Hudaýyň merhemetiniň göze görünýän ýagdaýdaky ilkinji aýan bolmasydy. Adam bilen How, günäli ýagdaýlarynda ebedi galmazlary ýaly, Erem bagyndan kowuldylar. Olarda umyt bolmalydy. Reb Hudaý: «Ine, adam ýagşy-ýamany saýgaryp, Biziň Birimiz kimin boldy. Olar indi ýaşaýyş agajyna el uzadyp, onuň miwesindenem iýip, ebedi ýaşaýmasynlar» diýdi (Gelip çykyş 3:22). Günäsi üçin ölüm bilen jezalandyrmak bilen, ony munuň ýaly ýagdaýda ebedi ýaşama mümkinçiliginden mahrum etmek bilen Hudaý ummasyz merhemet görkezdi. Günäli ýagdaýda ebedi ýaşamany göz öňüne getirip bir görüň! Iblis ýaly, onuň perişdeleri ýaly.

Ynsan Eremden üç sany ullakan ak pata alyp çykdy: nika däbini («ol aýalyna ýapyşar, şeýdip, ikisi bir ten bolar»), birinji wada, ýa-da halasgär hakda; duşmany şeýtan hakda pygamberligi («sen bilen aýalyň, seniň tohumyň bilen aýalyň tohumynyň arasyna,

duşmançylyk salaryn»); hem-de ömrüniň dowamynda iman bilen saýlaw edip, «ölümden ýaşaýşa geçme» mümkinçiliginiň bolmagyny aldy.

Günä Erem bagynda galmady, ol ynsanyň ýüreginde mesgen tutdy-da, göripçilikde, gaharda, ganhorlukda ýüze çykdy. Ynsan öz tebigaty boýunça günäli boldy. Adamyň ilkinji günäkär ynsan bolşy ýaly, onuň ogly hem, ilkinji ganhor boldy. Gelip çykyş kitabynyň dördünji, bäşinji hem altynjy baplarynda adamlaryň Erem bagyndan kowlanlaryndan soňky durmuşy örän gysga, şol bir wagtyň özünde-de, örän aýdyň suratlandyrylýar. Hemme zat ilkinji gezek boldy. Diňe bir ganhorlyk däl, eýsem, ilkinji saz gurallaram, agaçdan, daşdan we metaldan edilen ilkinji gurallaram, ilkinji şäherlerem, ilkinji ýaraglaram we ilkinji uruşlaram…

Günäniň netijesindäki azgynlyk güýçli depginde başlandy. Ol ýeriň ýüzüne adam nesliniň çalt ýaýraýşy ýaly depginde basym ýaýrady. Adam bilen Howuň Şis atly bir oglunyň Enoş atly ogly doglanynda, adamlar Rebbi çagyryp başladylar. Şonda özbaşyna bir din peýda boldy. Adamlar ýitirilen Hudaý bilen gatnaşyklary gözläp başladylar. Ýöne Adamyň nesilleriniň arasynda dogry adamlar köp däldi. Şisiň nesilleriniň biri — Enoş — mukaddes durmuşda ýaşady, ol bütin ömrüni Hudaýa gulluk etmeklige bagyş etdi, şonuň üçin Hudaý ony Öz ýanyna aldy. Enoş ölümi görmedi. Başga bir dogry adam Nuhdy.

Onuň döwründe Şisiň nesilleri (Hudaýyň ogullary) ynsan (zalym Lemegiň Tuwalkabylyň ýaragyny döredijі ganhor Kabylyň) gyzlaryna öýlenip başladylar, şeýdip, ýer ýüzünde takwa adamlar galmady. Reb Hudaý: «Men adamzady ebedilik ýaşatmaryn, (diýmek, Hudaýyň ogullary, käbirleriniň pikir edişleri ýaly, perişde ýa-da has ulurak fantastiki zat däl-de — ynsan ekenler), çünki olar tendir; onuň ömri ýüz ýigrimi ýyl bolar» diýdi (Gelip çykyş 6:3).

Hudaý ynsany ýaradanyna ökündi. Bu akyla sygjak zat däl. Ýöne Hudaý Özüniň akyla sygmajak rehimdarlygy bilen ynsana ýene bir mümkinçilik berdi: bütin halkyň gözüniň öňünde öz maşgalasy üçin halas bolma gämisini ýasan Nuh pygamberiň üsti bilen geljekki hökümiň göze görnüp duran 120 ýyllyk wagzyny berdi.

Ýöne Isanyň aýdyşy ýaly, bu barada «halk pikir hem etmedi…» 120 ýyl geçdi, bu döwrüň dowamynda gämi keşbine geldi, palubalar hem haýatjyklar ýasaldy, basgançaklar guruldy we iýmit taýýarlanyldy. Adamlar bolsa, öýlendiler, durmuşa çykdylar, gurdular we weýran etdiler, duşmançylykda boldular we ýaraşdylar, adam öldürdiler we çaga dogurdylar. Hudaýyň buýrugy boýunça Nuhuň maşgalasy haýwanlaryň her görnüşinden bir jübüt, halal mallaryň her görnüşinden ýedi jübüt alyp, gämä girýänçä, şeýle edildi. Hudaý olar gämä girenlerinden soň gapyny ýapdy. Ony Onuň Özi ýapdy.

Bu jennetiň ýapyk gapysynyň öňündäki kerup ýaly, «Rebbiň eýmenç gününiň» nyşany, ýekeje adamyň hem halas bolmaga ýekeje-de mümkinçiligi galmadyk wagtyndakysy ýaly, halas bolma gämisiniň gapysynyň ýapylmasy boldy.

Soň ýagyş ýagdy. Ol ýagdy we ýagdy, we ýagdy… Suw bütin ýer ýüzüni örtdi, ýapyşar ýaly hiç zadam galmady, üstüne çykar ýaly, ýekeje dag hem galmady. Hiç zat! Ýagyş ýagdy durdy, ýagdy durdy! Gäminiň diwarlarynyň aňyrsy ýylydy, oňaýlydy we howpsuzdy.

# ARARATDAN BABYLA ÇENLI

«Şeýdip, Reb ynsanlary ol ýerden
bütin ýer ýüzüne dargatdy…»

Gelip çykyş 11:8





Gün yzyndan gün, aý yzyndan aý geçdi, bir aýyň yzyndan beýlekisi geldi, ýagyş bolsa, entegem ýagyp durdy. Kyrk gije-gündizläp dynman ýagyş ýagdy-da, bäş aýlap, daglaryň hemmesini örtýänçä, suw ýeriň ýüzünde ýokary galdy. «Düýpsüz çuňlugyň çeşmeleri beklendi, Gökleriň penjireleri ýapyldy, gökdäki ýagyş diňdi». (Gelip çykyş 8:2). Adam bilen Howuň Erem bagyndan kowulmagy bilen suw almasynyň ahyryna çenli bolan siwilizasiýanyň arasynda birnäçe müňýyllyklar geçdi. Ondan ýer ýüzündäki ýeke-täk takwa adamyň maşgalasyny halas eden äpet gämiden başga hiç zadam galmady.

Gämi uly güpürdi bilen Ararat dagynyň ýokarsynda saklandy. Ýöne halas ediji gäminiň diwarlaryna entegem suw gelip urlup durdy. Nuh bilen onuň maşgalasy gämiden çykýança, ýene birnäçe aý geçdi. Çüňkündäki zeýtun agajynyň şahajygyny getiren, Ýeriň gurandygy we adamlaryň öz gaçybatalgasyndan tizara çykyp biljekdikleri baradaky habary getiren kepderi parahatçylygyň nyşany boldy. Nuh aýaly bilen, Sam, Ham hem Ýafes aýallary bilen täze adamzadyň we suw almasyndan soň, täze siwilizasiýanyň başyny başladylar. Haýwanlar bolsa, dagdan jülgelere düşdüler-de, planetadaky täze haýwanat dünýäsiniň başyny başladylar.

Suw almasy bütin ýer ýüzüni üýtgeden aýylganç weýrançylyk bolupdy. Biziň häzirki görýän, guwanýan we gözlerimize ýakymly görünýän zatlar — Ýeriň öňki ajaýyplygynyň bölejikleridir. Hek daşyndan emele gelen daglar, kuwwatly çökündileriň gatlaklary — gadymky jandarlaryň we ösümlik dünýäsiniň mazarlary, olaryň eýmenç basyşlaryň astynda galan galyndylary — gadymky dünýäniň köpdürlüligi hem-de akyla sygmajak baýlygy barada şaýatlyk edýär. Biziň awtoulaglarymyz, zawodlarymyz, ýylylyk elektrostansiýalarymyz gadymky biosferanyň galyndylary, nebit hem gaz bilen işleýär. Adamlar menden gadymky adamlara näme bolandygyny soranlarynda, men maşynyma näme guýýandygym we öýümizi näme bilen ýyladýandygymyz hakda pikir etmezlige çalyşýaryn. Ylymlaryň köp pudaklary Ýeriň geçmişini, ata-babalarymyzyň ýaşan gurşawyny öwrenmek bilen meşgullanýarlar.

Hemme zat — tebigat, klimat, howanyň düzümi, töweregimizi gurşap alan bütin dünýä üýtgedi. Nuh bilen onuň ogullary hemme zady täzeden öwrenmeli boldular.

Hemme zat üýtgedi, emma ynsan ýüregi üýtgemedi. Hudaýyň Ýeriň täze ilatynyň nesilbaşysy bilen baglaşan ähtiniň alamaty hökmünde asmanda ajaýyp älemgoşar öwşün atdy, Nuhuň ogly Ham bolsa, eýýäm kakasyny masgaralapdy, ata agtygyna gargapdy…

Durmuşyň düzgünleri, Hudaýyň täze adamzat bilen eden ähtiniň şertleri ýönekeýdi: Reb bütin haýwanat

dünýäsini adama tabyn etdi-de, ony oňa iýmit edip berdi, gan iýmegi we başga adamlara ýamanlyk etmegi gadagan etdi hem-de şeýle karara geldi: jan üçin jan.

Birneme wagt geçenden soň, şol döwürde bütin dünýä diýen ýaly tanalan, biziň häzirki Ýakyn Gündogar diýip atlandyrýan ýerimizde Nuhuň we onuň ogullarynyň nesilleri ýaşaýardylar. Olardan biri, Hamyň agtygy Nimrot awçylykda aýratyn güýç, üstünlik hem ygtyýarlylyk bilen tapawutlanýardy. Ol birinji patyşalygy esaslandyrdy, oňa Mesopotamiýanyň ýerleri girýärdi.

Adamlaryň bu giden mähellesi tutuşlygyna Gündogara süýşdi-de, olar Sennaar jülgesinde ýerleşdiler. Olara biri-biri bilen gatnaşyk saklamak gitdigiçe kynlaşdy, sebäbi olar biri-birinden gitdigiçe aňyrlygyna ýaýradylar. Özleriniň atlaryny ebedileşdirmek üçin özleriniň beýikligine hem kuwwatyna ýadygärlik gurma pikiri olaryň kellesine geldi. Olar depesi göge, Hudaýa çenli, ýetip duran minara gurma kararyna geldiler. Halkyň arasynda Erem bagyndaky düşülen synagyň ýeli öwüsdi: hudaýlar ýaly bolarsyňyz…

Olarda daş kesmek üçin tehnikasy ýokdy hem-de olar daş örme ukybyny-da ýitiripdiler, şol sebäpden hem, palçykdan kerpiç ýasap, ony pejiň içinde bişirme kararyna geldiler… halkyň gurluşygy möwç alyp başlady.

Hudaý uzak garaşyp durmady. Ol olaryň gödek arzuwlarynyň amala aşmasynyň galyndylary ýene köp müňýyllyklardan soň, syýahatçylary haýran

galdyrar ýaly wagtlap garaşdy, soň Ol adamlaryň dillerini garyşdyrdy, şeýdip, olar gurluşygy bes etdiler. Minarany-da, şäheri-de gurmagy bes etdiler. Şeýdip, bu şäher Babyl diýlip atlandyryldy. Rebbiň adamlaryň dillerini garyşdyrandygy sebäpli olar indi hiç zat hakda gürleşip bilmediler.

Bu ýerde hem, ýeriň üstki böleginde şertleriň üýtgemeginiň täsiri astynda kontinentleriň hereketleri başlady: «Onuň (Nuhuň ogly Samyň ogly Eberiň ogly Pelegiň) döwründe dünýädäki halk bölündi» (Gelip çykyş 10:25). Şeýdip, Nuhuň nesilleri Babyldan Irlandiýa, Müsürden Awstraliýa çenli tutuş ýer ýüzüne ýaýradylar. Olar özleriniň gaýyklarynda baryp bilen adalaryna çenli ýaýradylar.

Ararat dagynyň üstündäki gäminiň üstüni garyň galyň gatlagy örtdi, Babyl minarasy bolsa, töwerekdäki taýpalara gurluşyk materialy bolup hyzmat etdi. Minaranyň günortasynyň aňyrragyndaky ajaýyp Ur şäherinde (doglan wagtynda ýer bölünen Pelegiň agtygy Serugyň ogly Nahoryň ogly) Teranyň ogly Ybraýym doguldy. Ol ulalanda, Hudaý Adam, Enoş, Nuh… bilen gürleşişi ýaly, onuň bilen gürleşme kararyna gelýär. Ýöne bu eýýäm Hudaýyň halas etme meýilnamasynyň başga bir taryhydy.

# NESILBAŞYLAR DÖWRI

Çünki Mukaddes Ýazgyda:
«Ybraýym Hudaýa iman etdi we Hudaý ony dogry hasaplady» diýip ýazylgydyr.

Rimliler 4:3





Adamzat neslini ýitip gitmeden halas etmek üçin Hudaýyň Nuhy we onuň maşgalasyny saýlamagynda haýran galar ýaly hiç zadam ýok — ol ýer ýüzündäki ýeke-täk dogry adamdy. Ýöne Hudaýyň Ybraýyma — babyllaryň gadymky Ur şäherinde ýaşaýan adama — aýratyn üns bermeginiň sebäbi bize doly mälim däl. Biz diňe Hudaýyň oňa özüniň ähli amatlyklary bolan şäherini terk edip, öz garyndaşlaryny goýup, özüne nätanyş bolan ýurda gitmegi buýruk berendigini bilýäris (şol wagtlarda Urda eýýäm suw prowody, kanalizasiýa we köp gatly jaýlar bardy!).

Hudaýyň Ybraýymy çagyran wagtynda, suw almasynyň gutaranyna on asyr geçipdi, ýagny, takmynan, biziň bu günki Rusuň çokundyrylan wagtyndan bäri näçe wagt sanaýan bolsak, şonçarak wagt geçipdi , ýagny Aly ibn Mömin Horezm şanyň höküm süren döwründen bäri näçe wagt sanaýan bolsak, şonçarak wagt geçipdi.[1] Wagt geçdi, nesil

1 «Wagt bilen bakyýýetiň arasynda» diýen broşýuranyň 25-nji sahypasynda: «*takmynan, biziň bu günki Rusuň çokundyrylan wagtyndakysyndan näçe wagt sanaýan bolsak, şonçarak wagt geçipdi*» — diýen sözler bar. Bu sözleri siziň ýurduňyzyň taryhynda bolan bir zat bilen çalyşmaly. Mysal üçin, Täjigistan üçin: Samanidler dinastiýasynyň hökümdarlyk eden döwründen. Türkmenistan üçin: Aly ibn Mömin Horezm şanyň höküm süren döwründen.

yzyna nesiller geçdi. Ol wagtlarda adamlaryň ömrüniň häzirkä garanda has uzak bolandygyna garamazdan, suw almasyndan öňki döwür baradaky hakyda kem-kemden ýok bolup, rowaýatlara, miflere we Babylda pytranyndan soň ýer ýüzüne ýaýran halklaryň dürli dini düşünjelerine öwrüldi.

Ybraýymyň kakasynyň butparaz bolandygy mälim. Ol ogly hem agtygy Lut bilen göçüp giden ýeri bolan (Haranda) Kenganda dünýäden ötdi. Ybraýymda imanyň nädip peýda bolandygy bize jikme-jik belli däl, ýogsam bu barada ençeme rowaýatlar hem düzülen. Ybraýymyň, ähli imanlylaryň atasynyň, şahsyýeti diňe bir mesihilikde däl-de, eýsem, dünýädäki beýleki iki dinde-de — iudaizmde hem yslamda syrdan doly. Ol hakda biziň bilmegimiz zerur bolan zat Mukaddes Kitabyň sahypalarynda ýazylan. Ol bize Ybraýymy Hudaýa doly bagyş edilen adam hökmünde görkezýär, Hudaý oňa Özüni açyp görkezdi we ony täze sansyz-sajaksyz halkyň nesilbaşysy bolmaklyga çagyrdy.

Gadym döwürlerdäki taryhçylar Ybraýym hakynda töweregindäkilere uly täsir ýetiren adam hökmünde ýazypdyrlar. Olar onuň müsürlilere matematikanyň esaslaryny öwredendigini, finiklilere astronomiýanyň syrlaryny açandygyny we beýleki ylymlary öwredendigini aýdypdyrlar. Ýöne Hudaýyň Sözi Ybraýymyň Hudaýa iman edendigine, munuň hem oňa dogrulyk saýylandygyna biziň ünsümizi çekýär. Ybraýym öz nesillerine, diýmek, bize-de, ýeke-

täk Hudaýyň bardygyny, her bir adamyň diňe Oňa tagzym etmäge çagyrylandygyny we Hudaýa hakyky tagzym etmäniň daşky hereketler bilen däl-de, iman bilen kesgitlenilýändigini açyp görkezipdir.

Ybraýym Kengana çagyrylanyndan we göçüp baranyndan soň, özüne wada berlen ogla köp ýyllar garaşýar. Ol öz sürülerini bakýar we garaşýar… Garaşýar we Hudaýa ynanýar. Çagasyz goja bolsa-da, ol gurbanlyk sypalaryny gurýar we ýer ýüzündäki halklaryň hemmesine onuň nesli arkaly ak pata bermäge wada beren Rebbine tagzym edýär. Hudaýa degişliliginiň nyşany hökmünde Ybraýym bütin maşgalasyny sünnetleýär. Şeýle etmek bilen ol ýewreý halkynda sünnet etmekligiň başyny başlaýar.

Şol wagtlarda bütin ýeriň ýüzünde örän uly dürli wakalar bolup geçýärdi: Urda, Ybraýymyň doglan şäherinde, şol döwrüň iň uly ybadathana toplumyny gurdy, Amenhotep faraonyň goşunlary Nubiýany we Sinaý ýarym adasyny basyp aldy, müsürliler nebit bilen smola gazyp alyp başladylar.

Şeýle-de bolsa, Mukaddes Ýazgy Ybraýymyň taryhyna, bir nesliň taryhyna aýratyn ünsi çekýär. Gartaşan ýaşdadygyna garamazdan, Ybraýym (ol wagtlar ýüz ýaşyndady) özüniň imany boýunça özüne Hudaýyň wada beren, köp garaşdyran ogluna, Yshaga ýetdi. Yshak hem ýeriň-gögüň Ýaradyjysyna iman edip, kakasynyň ýolundan ýöredi. Yshagyň imany Hudaýa

ýarady, şonuň üçin Ol Özüni «Ybraýymyň hem Yshagyň Hudaýy» diýip atlandyrdy.

Yshagyň ekiz çagasy — Esaw bilen Ýakup bolýar. Onuň uly ogly Esaw, Ybraýymyň imanly nesilleriniň hemmesi üçin görelde bolup, bize şuňa meňzeş ýalňyşlyklary goýbermeli däldigini duýdurdy: ol merjimek çorbasyna özüniň nowbaharlyk hukugyny satýar-da, özüni Hudaýyň bütin dünýäni hem-de aýratynlykdaky her bir adamy halas etme taryhyna gatnaşmakdan mahrum etdi. Yshagyň kiçi ogly Ýakup Rebbiň perişdesi bilen göreşip, Ysraýyl diýen täze ady we Hudaýyň ak patasyny alýar. Ol Hudaýyň halkynyň soňky beýik nesilbaşysy bolýar.

Hudaý Musany gulluga çagyranynda, oňa Özüni: «Men seniň ataň Ybraýymyň Hudaýydyryn, Yshagyň Hudaýydyryn we Ýakubyň Hudaýydyryn» — diýip açandygyny bellemek gerek (Müsürden çykyş 3:6).

Isa bolsa biz hakda: «…gündogardan, günbatardan köp adamlar gelip, Ybraýym, Yshak we Ýakup bilen birlikde Gögüň Patyşalygynda otururlar» (Matta 8:11) — diýýär.

# DAGDAKY ÝAGTYLYK

«Indi öz araňyzdaky keseki hudaýlary aýryp
taşlaň we Ysraýylyň Hudaýy Rebbe
ak ýürekden baş egiň».

Ýeşuwa 24:23





Müsürlileriň hijisem özleriniň ýurduna gelen bu göçüp-gonup ýören kiçiräjik taýpany uzak wagtlap galar diýip pikir etmändi. Hudaý Ýakubyň ogullarynyň birini, Ýusuby doganlary Müsüre gulçulyga satar ýaly etdi. Ol ýerde Hudaý Ýusuby faraonyň goýan hökümdary, abraýy boýunça Müsürdäki ikinji adam etdi. Ýusubyň çakylygy boýunça onuň bar tohumy doly suwly derýadan suwarylýan hasylly ýerde, Nil derýasynyň deňze guýýan ýerinde mesgen tutýar. Häzir ol ýerde Müsüriň paýtagty Kair ýerleşýär.

Bütin ömürlerini çadyrlarda geçiren göçüp-gonup ýören çarwalara ýakymly gorkyny döredýän ybadathanalar, derýanyň beýleki kenaryndaky başy al asmana ýetip duran piramidalar we daşdan ýonulan adam kelleli ýolbarslar başga dünýäden bolan habarçylar ýaly bolup görünýärdi. Ýerli halkyň ysraýyllara bolan gatnaşygy (hemme çopanlara bolşy ýaly) birneme ýigrençli bolsa-da, barybir hoşniýetlidi we eglişik edijiliklidi — olar Ýusubyň garyndaşlarydy.

Emma ýyllar geçip, Ýusup dünýäden ötdi, häkimiýet başyna bolsa, başga bir faraon geldi. Şol wagtda Ýakup — Ysraýylyň nesli hökmünde atlandyrylyp başlanan ýewreýler ýa-da ysraýyllar diýseň agyr ýagdaýa düşdüler. Olar indi özleriniň sürülerini Müsüriň örülerinde arkaýyn bakyp bilmeýärdiler —

hemme zat üçin tölemek gerekdi… Halk Müsüriň, gadymy dünýäniň siwilizasiýasynyň merkeziniň zalym hökümdarlaryna garaşly bolan gulçulyga düşdüler. Bu gulçulyk 400 ýyldan gowrak wagtlap dowam etdi.

Azar berilmelere we erkin bolmadyk zähmet çekýändiklerine garamazdan, ysraýyl halky köpelýärdi we güýçlenýärdi. Şonda faraon ýewreýleriň dogran oglanjyklarynyň hemmesini derýa gark etmegi buýruk berdi. Amram bilen Ýohawedanyň täze doglan ogly Musa hem edil şonuň ýaly ykbal garaşýardy. Emma Hudaý onuň janyny halas etdi we ýaşamagy hem terbiýelenmegi üçin, ýewreýleriň ganym duşmany bolan faraonyň öýünde ýerleşdirdi.

Kyrk ýyldan soň Musa Müsürden gaçyp gitmäge mejbur bolýar. Ol midýan ýurdunda çopan boldy. Bu ýerde ol midýan ruhanysy Ýitronyň gyzy Sypora öýlenýär. Ol kyrk ýyllap çölde goýun bakýar. Sinaý dagynyň golaýynda Hudaý ýanyp duran çalynyň içinde Özüni Musa açyp görkezýär we ony ysraýyl halkynyň serdary bolmaklyga çagyrýar. Bu ýerde Hudaý Özüni ilkinji gezek Musa Ýehowa, ýagny bar Bolan hökmünde açýar. Musa Hudaýa gulak asýar-da, Onuň pygamberi bolýar.

Musa Müsüre gaýdyp baranyndan soň, Ysraýylyň — Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň — Hudaýynyň adyndan halky goýbermegi talap edýär. Faraon (ol Tutmos III bolan bolsa gerek) ýüregini gatadýar we gullaryň hem çopanlaryň Hudaýy hakynda hiç zadam bilmek islemedi. Müsürlileriň başlaryndan on sany bela inýär, diňe şondan

soň faraon halky goýbermäge razy bolýar. Iň soňky bela, ýagny ilkinji doglan çagalaryň öldürilen wagtynda, Hudaý Öz halkyna gapylarynyň söýelerine we kese agaçlaryna guzynyň ganyny çalmaklaryny buýruk bermek bilen olary ölümden goraýar.

Şol wagtdan bäri ýewreýler arameýçe Pesahy, göni manysynda «geçip gitmegi, deňinden geçmegi» aňladýan Pesahy baýramçylyk edip belleýärler. Pesah gurbanlygy bilen baglanyşykly bolan bu söz Gudratygüýçliniň: «…siziň üstüňizden aýlanyp geçerin… hiç hili betbagtlyk sizi weýran etmez» (Müsürden çykyş 12:13) — diýen wadasyny ýatladýar. Pesah guzusy — halas edilenleriň hemmesi üçin, biz sebäpli damagy çalnan Guzy bolan Isa Mesihiň gurbanlygy arkaly adamzady halas etmäniň esasy köneäht obrazy boldy.

Deňziň içi bilen gury ýerden ýöräp geçmeklik, çöldäki gudrat bilen halas bolma, gaýadan suwuň çykmagy, ajy suwuň arassalanmagy, kyrk ýyllyk sergezdançylygyň dowamynda gökden mannanyň ýagmagy — bulary we çykyşyň beýleki köp wakalaryny Hudaýyň Özi oýlap tapdy we Isa Mesihdäki halas bolmamyzyň nyşany hem keşbi hökmünde ýerine ýetirildi.

Halk Sinaý dagynyň etegine gelende, Musa Hudaý bilen ýüzbe-ýüz duşuşmak üçin ýokary gitdi. Bu ýerde Hudaý On tabşyrygy berip, Öz halky bilen äht baglaşdy we şeýle etmek bilen, şol tabşyryklar arkaly dini hem jemgyýetçilik durmuşyny gurady. Şeýle hem, Ol

düzgünleri, däpleri, baýramçylyklaryň hem gurbanlyk hödürlemeleriň kalendaryny düzdi.

Musa dagda Hudaýyň elinden tabşyryklar ýazylan daş sahypalary alýan wagtynda, halk dagyň eteginde düşnükli, göze görünýän, elýeter hem endik edilen butuň — Harunyň eli bilen ýasalan butuň — töwereginde tans edýärdi.

Musanyň hyzmatkäri we onuň ýerine bolan Ýeşuwa ysraýyl halkyny wada berlen ýurda alyp barýança kyrk ýyl geçýär. Uzaga çeken bu ýyllaryň dowamynda düşelgäniň ortasynda, çadyryň ýokarsynda, mydama ýagtylyk bolup durdy, gijesine asmandan gögüň iýmiti — manna ýagdy, Müsürden çykan ýewreýleriň köwüşleri hem geýimleri könelmedi. Olar Müsürden bary-ýogy birnäçe günüň dowamynda çykdylar, ýöne Müsüriň öňki gullarynyň ýüreklerinden çykmagy üçin kyrk ýyl gerek boldy.

Hudaý nesilbaşylar Ybraýyma, Yshaga we Ýakuba beren wadasyny ýerine ýetirdi: Ol olara «süýt bilen bal akýan» ýurdy miras berdi.

# BULAŞYK MŰŇÝ YLLYK

«…her kim öz göwnüne gelenini ederdi».

Ysraýyl serdarlary 21:25




Apollon ybadathanasynyň galyndylary

Delfada Apollonyň agaçdan salnan ybadathanasyny ýykyp, daşdan gurdular. Hetler Müsüriň üstüne çozup uruşdy. Hytaýda gadymky patyşalyklaryň arasynda üýtgäp duran üstünlikli uruşlar gitdi. Mikende güýçli depginde gurluşyk gitdi. Edil beýleki wakalarda bolşy ýaly, bu wakalaryň hemmesiniň içinde Hudaýyň adamzady halas etme meýilnamasyna dahylly bolan iň wajyp zadyň diňe fony bardy. Kenganyň territoriýasynda Ysraýyl döwleti peýda bolýar. Onuň paýtagty — içinde çadyr ybadathanasy duran kiçijik obajyk — köp taýpaly halkyň ruhy hem administratiw merkezidi.

Ysraýyl halky Musanyň ýolbaşçylygy astynda Müsürden çykdy. Sinaý dagynyň eteginde kanun aldy we gulçulyga endik edenleriň, tabyn bolmazaklaryň we imansyz adamlaryň hemmesi ölýänçä, kyrk ýyllap çölde sergezdançylyk çekdi. Musanyň ýerine bolan Ýeşuwa köp sanly halky «süýt bilen bal akyp duran», galalar bilen berkidilen, däneli meýdanly, gür tokaýly ýurda alyp girýär.

Dargan taýpalardan bir halk emele gelýänçä, köp ýüzýyllyklar geçdi. Ysraýyly gurşap alan we entek berkemedik döwletiň üstüne ýygy-ýygydan çozýan köp sanly duşmanlar onuň birikmegine ýardam etdi. Hudaý halka nobatdaky azatlygy getiren we taryhy nukdaýnazarda, belli bir wagtlyk parahatçylyk hem

abadançylyk beren serdarlary berdi. Ýöne bütin bu döwürleriň hemmesinde butparazlyk bilen hemme ýere ýaýran yrymlar Ysraýylyň iň ganym duşmany bolup durýardy. Halk kä Hudaýa bolan imana gaýdyp gelýärdi, käte bolgusyz butparazlyga ýene baş goşýardy.

Ine-de, Ysraýyl monarhiýaly teokratik döwlete öwrüldi: halk «beýleki haklar ýaly» patyşa isledi. Çäklendirilmedik ygtyýar, baýlyk we duşmanlaryň üstlerinden ýeňiş gazanmalar ilkinji patyşanyň başyny aýlady. Ol, hatda, entek dirikä, özüne ýadygärlik dikeltdi. Süleýmanyň aýdyşy ýaly, dogrudanam, Gün astynda hiç hili täze zat ýok. Hudaý ilkinji patyşany inkär edip, Dawudy patyşa etdi. Onuň mezmurlaryndan, aýdymlaryndan hem pygamberliklerinden şahyrlar, kompozitorlar we wagyzçylar şu günem, ýagny üç müň ýyl geçenden soň hem, ruhlanma alýarlar.

Dawut dünýäden ötenden soňky müň ýylyň dowamynda Hudaýyň halky köp tolgunmalary başdan geçirdi. Ýöne diňe babyl ýesirligi ysraýyllary butparazlykdan hemişelik saplady. Imperiýalar — Assiriýa, Babyl, Mido — Pars, Makedoniýa… — dörediler we ýitip gitdiler. Rimliler garşydaşlaryny tabyn edip, Ýakyn Gündogarda özleriniň düzgünini ýöretdiler. Bütin imperiýa ýollar guruldy, ullakan döwletiň bölekleriniň arasynda gatnaşyk ýola goýuldy, hemmeler üçin umumy bolan kanunlar girizildi…

Döwrüň dolulygy geldi. Şonda Hudaý dünýä Halasgär iberdi. Ol Ony Müsüre, Rime, Afina ibermedi-

de, Ýahudanyň parahatçylygy bolmadyk kiçijik hapa şäherjigine, ýagny zalym patyşa Hirodesiň hökümdarlyk eden günlerinde rimlileriň gözegçiligi hem golastynda bolan şäherjige iberdi. Beýtullaham. Meýdanlar. Çopanlar.

Şobada hem bize nurly, şatlykly bir zadyň atyr ysy geldi. Umyt ýeli öwüsdi — Dawut Ogly!


Beýtullaham

# WAGTYŇ DOLULYGY

«Söz ynsan bolup, aramyzda ýaşady.
Ol merhemetden we hakykatdan doludy.
Biz Onuň şöhratyny, …gördük.»

Ýohanna 1:14





Azowyň boýunda we Kawkazda, häzirki osetinleriň ata-babalary bolan alanlar taýpalary ýerleşýär; Hytaýda hunlaryň patyşalygy Demirgazyk hem Günorta patyşalyklara bölünýär; Peruda şol döwürlerdäki ösen ýokary medeniýet, oba hojalyk peýda bolýar. Rim imperiýasy Angliýa we Demirgazyk Germaniýa çenli ýaýbaňlanyp, Demirgazyk Afrikany, Gündogar Ortaýer deňzi töwerekleri we Kiçi Aziýany öz içine alýar. Bütin imperiýada bir kanun hereket edýär, welaýatlar daş düşelen ýollar arkaly paýtagt bilen baglanyşdyryldy. Rimde ilkinji gezek milliondan gowrak adam ýaşaýar… Ýöne bu zatlaryň hemmesi mümkin bolmajak zat bolup geçjek taryhy fondy: wagtdan hem giňişlikden daşda bolan Hudaý bakyýeti goýup, Ynsana öwrülýär-de, Öz ýaradan Älemine girýär.

Hudaý dünýäni ýaradanynda, Özüne nämäniň garaşýandygyny bilýärdi. Ol Öz ýaradan ynsanynyň Hudaý ýaly bolmaga çalyşjak bolup, Özüniň islegini inkär etjekdigini bilýärdi. Hudaý Özüniň başdaky maksadyna ýetmäniň Özüne nähili baha düşjekdigini bilýärdi. Öz ýaradan dünýäsinde ýaşaýan — tende gelme, wagt hem giňişlik bilen çäkli bolan, kemsidilmedäki hem görgüdäki, haça çüýlenme, hatda ölümli durmuşda ýaşaýan — adamzat bilen gatnaşygy üçin nähili töleg tölemeli boljakdygyny bilýärdi.

Oglanjykka Ol Nasyranyň tozanly köçelerinde ylgar, gaty düşekde ýatar, agaç ussasynyň sadaja iýmitinden iýer, Öz elleri bilen işlär we inkär edilenler bilen gatnaşar.

Özüniň bakyýetden bäri bardygyna we Ýaradan hem Ata bilen birdigine doly düşünen on iki ýaşly Isa günleriň birinde ejesine: «Meni näme üçin gözlediňiz? Eýsem, siz Meniň Atamyň öýünde bolmalydygymy bilmeýärmidiňiz?» (Luka 2:49) diýer.

Ol Öz garyndaşy Ýahýa Çokundyryjydan suwda çokundyrylmany alar. Soň Öz Patyşalygyny wagyz etmeden başlar. Ol her bir sözi, ädimi hem işi bilen Mukaddes Kitapdaky pygamberler tarapyndan ýazylan zatlary ýerine ýetirer. Sebäbi Ol şondan ýüzlerçe ýyllar ozal bu zatlary ýazmaga pygamberleri Özi ruhlandyrypdy, sebäbi bu zatlary etmegi niýet edinýändigini bilýärdi.

Hudaýyň tende gelendigini bütin dünýä görer ýaly, Özünde we Özi arkaly Ol ýüzlerçe pygamberlikleri ýerine ýetirdi! Şeýdip, Ol «merhemetden hem hakykatdan doly» dünýäde ýaşady. Ol Öz sözi bilen tupany ýatyryp, tebigy hadysalaryň hem Hökümdarydygyny görkezdi. Jynlara gynaýan adamlaryndan çykmagy buýruk berende, olaryň Oňa tabyn bolýandygy görnende, Ol Özüniň ruhy dünýäniň hem Hökümdarydygyny aýan etdi. Ol öli adama gabyrdan çykmagy, ysmaz adama ýerinden turup ýöremegi, heýwere kesselliniň arassalanmagyny, dogabitdi kör adamyň gözüniň

açylmagyny buýruk bermek bilen Özüniň ýaşaýşyň hem ölümiň Hökümdarydygyny aýan etdi.

Onuň ýerdäki ýaşaýşynyň juda çuň manysy bar. Ruh resulyň üsti bilen: «Çagalaryň et hem gandandygyna görä, Özi hem olaryňky bilen bir adam sypatyna girdi. Ol muny ölüm güýjüne eýe bolany, ýagny iblisi ölüm arkaly ýogaltjak, ömürboýy ölüm gorkusy zerarly gul bolanlaryň hemmesini erkinlige ýetirjek bolup etdi» (Ýewreýler 2:14–15) — diýýär.

Isa Nikodime: «Gökden dogulmasak, Hudaýyň Patyşalygyny görmeýäris. Oňa girip bilmeýäris. Onuň raýatlary bolup bilmeýäris» (Ýohanna 3) — diýdi. Biz hem, Isanyň haçda ýerine ýetiren halas etmesine iman etmek arkaly Ondan doglup bilmegimiz üçin, Onuň biz ýaly bolup, Hudaýdan doglup, Ynsan bolandygy üçin ýokardan dogulmak mümkindir. Isa Mesihe iman etmek bilen biz Gökdäki Patyşalygyň ýaşaýjylary, Hudaýyň tebigatyna dahylly bolýarys we Onuň asudalygyna, bakyýetine, Sabat gününiň asyl nusgasyna gidýäris (Ýewreýler 4:3). Isa Öňbaşçymyz hökmünde biziň üçin ol ýere girdi (Ýewreýler 6:20).

Özünden soň Ol — Älemiň ýaradylmagynyň maksady bolan Ýygnagynyň düýbüni tutmaklary üçin — ýönekeý, bilimsiz, kanunçy bolmadyk — on iki şägirt galdyrdy.



# ÖLÜMDEN DIRELMÄNIŇ ŞAÝATLARYNYŇ DÖWRI

«Ýöne Mukaddes Ruh üstüňize inende, güýç-kuwwat
alyp, Iýerusalimde, bütin Ýahudada, Samariýada,
Ýeriň tä soňuna çenli Meniň şaýatlarym bolarsyňyz».

Resullaryň işleri 1:8





Takmynan Mesih doglanyndan soňky 30-njy ýyl. Hepdäniň birinji güni. Iýerusalimdäki Pentikost baýramçylygynyň ir ertiri. Ýehudylaryň Şawuot baýramçylygyna zyýarata gelen bir milliona golaý adam şähere ýygnandy. Zyýaratçylaryň zekatlaryny, sowgatlaryny, gurbanlyklaryny we ybadathana salgytlaryny getiren ýeri bolan ybadathananyň töweregi hümerdi. Babyl. Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň dürli ýurtlaryndan gelen ýehudylar hem prozelitler bu ýere gelipdiler. Olar dürli dillerde gürleýärdiler. Ybadathana üçin gerek bolan pullary şekele çalyşmak gerekdi…

Tomus. Yssy. Tozan. Goýunlaryň mäleşýän sesleri. Satyjylaryň hem pul çalyşýanlaryň sesleri ybadathananyň içki howlusyndan gelýän aýdym, mezmur hem doga-dileg edilýän sesler bilen garyşýar. Garawullar diňe ýehudylar üçin niýetlenen ýere sünnet edilmedik hiç kimiň girmezligi üçin ünsli seredýärler.

Köçeleriň birinde hem ullakan, dürli dilde gürleýän we dürli hildäki mähelle ýygnanypdy. Gökden inen ses adamlaryň ünslerini özüne çekdi. Doga-dileg edýänleriň kellesiniň ýokarsynda oduň dilleri dur. Wagyz edýänler — Jelileli balykçylar, haça çüýlenilen Nasyraly Rebbiň şägirtleri. Babyl gargyşynyň soňunyň alamaty: ýygnananlar diýilýän zada düşünýärler. Hersi

öz dilinde aýdylýan zada düşünýär. Täze eýýamyň başlangyjy: Ýygnagyň wagty. Bu baýramçylyk — onuň, Ýygnagyň, doglan güni.

Hudaý Özüniň adamzady halas etme meýilnamasynyň jemleýji etapyny Iýerusalimdäki öýden başlaýar. Şawuota, Sinaý dagynyň üstünde Töwradyň sowgat berilme baýramynda, ruhanylar hamyrmaýasyz çörekleri ybadathana alyp girenlerinde, Hudaý Öz Ýygnagynyň başyny başlady. Ol Özüne iman edenleriň hemmesine Mukaddes Ruh sylagyny berdi. Olaryň hemmesini Öz tebigatyna dahylly etdi, Öz çagalary, habarçylary, Özüniň ölümden direlmesiniň şaýatlary etdi.

Birinji wagyz. Isany inkär eden, toba eden, kabul edilen we iberilen Petrus wagyz edýär. Diňleýjileriň ýürekleri howsala düşýär: «Biz näme etmeli?» döwürleriň hemmesi üçin aýdylan jogap ýaňlanýar: «Toba ediň! Siziň her biriňiz günäleriniň bagyşlanylmagy üçin Isa Mesihiň ady bilen çokundyrylyň — şonda Mukaddes Ruh sylagyny alarsyňyz». Iýerusalimde, Samariýada we ýeriň aňry uçlaryna çenli bolan adamlar hem toba etdiler hem çokundyryldylar. Şeýdip, dürli görnüşlerdäki dinleri ozup geçip, ýaşaýşyň özi ýaly bolan janly, ajaýyp, kuwwatly, owadan Ýygnak ösüp başlady. Ol özüni «Rebbiň ýoly» diýip atlandyrdy, onuň agzalary bolsa, «mukaddesler», ýagny Reb Hudaý üçin saýlanylanlar, mukaddes edilenler diýlip atlandyrylyp başlandy. Olar Isanyň ýoluna düşüp, Onuň yzyna eýerdiler.

Rimde gözeller aýnadan ýasalan ýüz görülýän aýnany ilkinji gezek ulanyp başladylar. Hytaýda metal zynjyrlardan ýasalan ilkinji asma köpri guruldy. Birigen hytaý döwleti duşmanlarynyň hemmesini ýeňip, Kaspi deňzine çenli giňäp gidýär. Rim imperatory Klawdiý million ilatly şäherde ýaşady…

«Iýerusalimden ýeriň aňry ujuna çenli» bolsa, Mesihiň resullary gitdiler. Olar Hudaýyň asyrlaryň başynda Ýere gelmegi we Öz Ogly Isa Mesihiň ölümini ähli döwürlerdäki hemme adamlaryň eden günäleri üçin gurbanlyk hökmünde meýilleşdirendigi baradaky habar bilen gitdiler. «Hudaý nadanlyk döwründen göz ýumup geçensoň, indi hemme ýerde adamlaryň ählisiniň toba etmegini buýurýar. Çünki Hudaý bir güni belledi. Ol Öz saýlan Adamy arkaly dünýäniň üstünden şol günde adyl höküm çykarar. Hudaý bu Adamy ölümden direltmek bilen, hemmelere subutnama berdi» (Resullaryň işleri 17:30–31). Şeýdip, Aziýada, Ýewropada, Afrikada adamlar iman edip başladylar.

Ölümden direlmäniň şaýatlary gören hem eşiden zatlaryny ýazyp başladylar. Olar Hoş Habarlarda, hatlarda özleriniň şaýatlyklaryny ýazdylar. Bu şaýatlyk üçin olar janlaryndan jyda düşdüler. Käbirlerini haça çüýlediler. Käbirleriniň bolsa, kellelerini çapdylar. Ölümden direlmäni gözi bilen gören şaýatlaryň iň soňkusy, birinji asyryň ahyrynda ýeke-täk diri galany ýedi ýygnaga ýazan hatyna: «Bularyň ählisine güwälik edýän: «Hawa, basym gelýärin!» diýýär. Omyn! Gel, ýa Reb Isa! Rebbimiz

Isanyň merhemeti ähliňiz bilen bolsun. Omyn!» (Aýanlyk 22:20–21) — diýen sözlerden soň nokat goýýar. Şonda Hudaý Ýygnaga hem dünýä Mukaddes Ýazgyny berip, Özüniň aýanlygyny tamamlaýar.

Ybadathana ýakylýar we çym-pytrak edilýär. Şeýdip, «Ine, öýüňiz size haraba bolup galýar», Iýerusalim bolsa, Iýerusalim bolsa, «keseki milletler özleriniň möhleti dolýança, Iýerusalimi ýer bilen ýegsan ederler» (Luka 13:35; 21:24) diýen sözler ýerine ýetdi. «Hudaýyň özüňe gelen wagtyny bilmändigiň üçin» daş üstünde daş galmady, şäheri ýykdylar we oňa duz sepdiler (Luka 19:44).

Mesihiň soňky şägirdi Ýohannanyň ölmegi bilen Onuň ölümden direlmesiniň şaýatlarynyň döwri gutardy. Ýöne Pawlusyň sözi boýunça biziň hemmämiz «biz iman edenlerde bolan Onuň güýjüniň biçak uludygyny… bu güýjüň Mesihi ölümden direldip, Gökdäki älemlerde Öz sagynda oturdanynda Hudaýyň Onda işleden güýçli gudratynyň işleýşine meňzeşdigini» (Efesliler 1:19-20) bilýändigimiz üçin iman edýäris.

Ölümden direlmäniň güýji — Hudaýyň Ýygnagynyň güýjüdir. Ol bu güýç bilen ýaşaýar. Şol güýç bilen üpjün edilen Ýygnak Hudaýyň Patyşalygy üçin bütin dünýäniň ýüzündäki adamlary gazanmak üçin ýüze çykdy.

# ATLARY GÖKLERDE ÝAZYLANLAR

«Siz bolsa Sion dagyna, diri Hudaýyň şäheri bolan asmana degişli Iýerusalime, şagalaňly üýşmeleňdäki on müňlerçe perişdä, atlary Gökde ýazylan nowbaharlaryň ýygnagyna golaýlaşdyňyz. Hemmäniň kazysy Hudaýa, kämillige ýeten dogry adamlaryň ruhlaryna... golaýlaşdyňyz».

Ýewreýler 12:22–23





Rimiň, Karfageniň, Isgenderiýanyň, Smirnanyň arenalaryndaky çägeler gynanylan mesihileriň ganyna boýaldy, sebäbi olar butlara tagzym etmekden, imperatorlary ýokary tutmakdan, «garaňkylygyň hasylsyz işine» (Efesliler 5:11) gatnaşmakdan ýüz öwrüpdiler. Ýöne Tertullianyň sözlerine görä (takmynan 160 – 220 ý. soň): «siz bizi näçe köp gyrsaňyz, biz şonça-da köpelýäris; gynanylan mesihiniň gany tohumdyr» (Tertullianyň «Apologiýa» atly ylahy işinden).

Birinji ýüzýyllykda Isa Mesihiň Ýygnagy özüni Esaslandyranyň aýdyşy ýaly ösdi: «Gögüň Patyşalygy bir aýalyň alyp, bütin hamyr turşaýança, üç çanak una goşan hamyrmaýasy ýalydyr» (Matta 13:33). Antik dünýäniň ähli ýurtlarynda azar bermeleriň bolandygyna garamazdan, ýygnaklar peýda boldy we ösdi. Isanyň yzyna eýerijiler resullaryň ellerinden Hoş Habaryň estafetasyny alyp, ony «ýeriň aňry ujuna çenli» (Resullaryň işler 1:8), şol döwürlerde mälim bolan butlaryň hemmesine alyp gitdiler.

Rowaýatlar Tomasyň Injili Hindistana alyp barandygyny, Andrysyň Dnepriň kenarlaryna, Faddes bilen Bartolomeýiň bolsa, Ermenistana alyp gidendiklerini aýdýarlar. Her neneň ýagdaý bolan bolsa-da, wagyzçylaryň Injili dünýäniň iň uzakdaky künjeklerine alyp gidendiklerini biz bilýäris.

Ýüzýyllyklaryň dowamynda ýerde ýaşaýyş agajy — Hudaýyň Patyşalygy ösdi. 301-nji ýylda Ermenistanyň patyşasy Trdat III taryhda birinji gezek mesihiligi döwlet dini diýip yglan etdi, 313-nji ýylda imperator Konstantin bütin Rim imperiýasynda ony yglan etdi, 965-nji ýylda wikingleriň patyşasy Harald, demirgazyk halklarynyň arasynda mesihiligiň başyny başlady, onuň garyndaşy knýaz Wladimir bolsa, 988-nji ýylda mesihiligiň başyny başlap, Kiýew Rusuny «çokundyrdy».

Ýöne Hudaýyň Patyşalygynyň syry Isa Mesihi Reb hem Halasgär hökmünde kabul eden her bir adamyň Hudaýyň tebigatyna şärik bolýandygynda (2 Petrus 1:4), ebedi ýaşaýşa eýe bolýandygynda (Ýohanna 6:47), gögüň raýaty bolýandygynda (Filipililer 3:20), Adam ata boýunça däl-de, Mesih boýunça täze adamzadyň agzasy (Rimliler 5) bolýandygynda jemlenendir. Hudaýyň Patyşalygynyň syry onuň resullara we olardan soňky imanlylaryň hemmesine beren aýanlygy biziň, ýagny imanlylaryň, göge degişli Iýerusalime, şagalaňly üýşmeleňe, atlary Gökde ýazylan nowbaharlaryň ýygnagyna (Ýewreýler 12:22–23), Onuň «Mesih Isa bilen ölümden direlen we Isada göklerde oturdan» (Efesliler 2:6) Gelinligine degişlidigimizde jemlenendir. Ol bizde ýaşaýar, şonuň üçin biz — Hudaýyň çagalary — Onuň Patyşalygynyň ýaşaýjylarydyrys. Biz Onda we Onuň bilen ýaşaýarys, Hudaýyň Patyşalygy hem, bizde we biziň üstümiz bilen bu dünýäde bolýandyr.

Pentikost gününden bärki bu asyrlaryň hemmesinde Hudaý ganly yzarlamalaryň, pida edijilikli bagyş edilmeleriň, «ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşy» (Efesliler 6:12) köp asyrlaryň dowamynda gaýratly göreşmeleriň içinden geçirip, Hudaý Ýygnagy — bütin Älemiň maksadyny — abatlaýar.

«Ot bilen garyşyk, çüýşeden ýasalan deňiz ýaly bir zat gördüm. Janawary, onuň suratyndaky buty, onuň adynyň sanyny ýeňenler Hudaýyň beren arfalaryny ellerine alyp, çüýşeden deňziň üstünde durdular. Olar Hudaýyň guly Musanyň we Guzynyň aýdymyny aýdyp, şeýle diýýärdiler: “Güýji her zada ýetýän Reb Hudaý, Seniň işleriň uly hem geňdir. Eý, milletler patyşasy, Seniň ýollaryň dogry hem hakdyr! Ýa Reb, Senden gorkman, adyňy Şöhratlandyrmajak kimdir? Çünki mukaddes diňe Sensiň! Bütin milletler gelip, Seniň öňüňde sežde eder. Çünki Seniň adyl işleriň aýan boldy”» (Aýanlyk 15:2–4).

«Perişde maňa şäher köçesiniň ortasynda Hudaýyň we Guzynyň tagtyndan çykýan bulgur ýaly dury ýaşaýyş suwunyň deryasyny görkezdi. Derýanyň iki tarapynda on iki hili miwe öndürýän, her aý miwesini berýän ýaşaýyş agajy bardy. Agajyň ýapraklary milletlere şypady. Indi hiç zat gargyş astynda galmaz. Hudaýyň we Guzynyň tagty şäherde bolar. Bendeleri Oňa gulluk eder. Onuň ýüzüni görer, maňlaýlarynda Onuň ady bolar. Indi gije bolmaz. Ne çyranyň yşygy, ne-de Günüň nury gerek bolar. Reb Hudaý olara

yşyk bolup, olar ebedilik höküm sürer. Isa gelýär» (Aýanlyk 22:1–5).

Bu geljek bu gün Hudaýyň mukaddesleri, Isa Mesihe iman edýänler üçin hakykydyr, sebäbi olar «görünýän zatlara däl-de, görünmeýänlere seredýärler, çünki görünýänler wagtlaýyn, görünmeýänler ebedidir» (2 Kor. 4:18).

# GUTULYŞY GÖZLEÝÄNE BIRNÄÇE MASLAHAT



Belki, sen eýýäm birnäçe gezek toba edensiň we Hudaýdan ötünç soransyň, ýöne hemme zat öňküsi ýaly bolup galandyr. Eger hemme zat bolşy ýaly galsa, onda özüň heläk boljak günäkärdigiňi we saňa dowzahyň gynamalarynyň garaşýandygyny bilýärsiň. Sen alaçsyz galyp, näme etjegiňi bilýän dälsiň. Eger bu şeýle bolsa, onda saňa birnäçe maşlahat bermäge rugsat et.

Ýöne ilki bilen biz ikimiz bilelikde anyklaly: biziň imanymyz üçin, ruhy durmuşyň islendik ýüze çykarmasy üçin, Hudaýy tanamakdaky esasy hem ýeke-täk awtoritet özümiz üçin Mukaddes Kitap bolup durýar. Diňe Mukaddes Kitap!

Mukaddes Kitap Isa Mesihiň sözleri bilen: «Men Öz ýanyma geleni kowýan däldirin» (Ýohanna 6:37) — diýýär. Isanyň Özi Özi hakynda: «Ynsan Ogly helak bolanlary halas etmäge gelendir» (Matta 18:11) — diýýär.

Ýagny seniň halas bolmaň — Isa Mesihiň bu ýere gelmeginiň maksadydy, Onuň haçdaky ölüminiň we ölümden direlmeginiň manysydy. Töwerek boýunça her ýyl, gutulyş şatlygyny we geljege bolan ynamy alman, bir toba etmeden beýlekisine, ondan soň hem beýlekisine geçip ýörmez ýaly, saňa anyk näme etmek gerek?

Meniň teklip etjek bolýan zatlarymy sen, gowusy, ýygnak gullukçysynyň ýa-da islendik bir kämil mesihiniň ýanynda et. Eger sen şonuň ýaly adamlary tanamaýan bolsaň, onda özüň hem toba edip bilersiň.

Resul Pawlus özüniň wagzynda: «Hudaý nadanlyk döwründen göz ýumup geçeninden soň, indi hemme ýerde adamlaryň ählisiniň toba etmegini buýurýar» (Res. Iş. 17:30).

Muny nädip etmeli? Sen dyza çökýärsiň-de (çyn ýüregiňden aýdýarsyň, şeýle etmeseň, ony başlamagam gerek däl) şeýle diýýärsiň:

*«Rebbim Hudaýym! Men özümiň günäkärdigimi bilýärin. Men diňe köp günä edip hem goýmadym. Men öz eden günälerimiň hemmesini Seniň öňüňde aýtmaga hem utanýaryn, ýöne men öz tebigatym boýunça hem günäkär, sebäbi günäleri*

*höwes bilen etdim. Men günäkäre rehim et! Meniň günälerimiň hemmesini bagyşla we Öz rehimiň bilen meni ähli günälerimden arassala! Reb Isa Mesih, meniň günälerimiň hemmesini Öz üstüňe alyp, meni arassalanyň, halas edeniň üçin Saňa minnetdar! Men barada: "Öz ýanyma gelenleri kowmaýaryn" diýeniň üçin Saňa minnetdar. Şonuň üçin men Seniň ýanyňa geldim. Seniň meni kowmajakdygyňa, bagyşlajakdygyňa we kabul etjekdigiňe men çyn ýüregimden ynanýaryn.*

*Günälerimi bagyşlanyň we ebedi ýaşaýşy sowgat bereniň üçin Saňa minnetdar! Men Seniň Sözüňe ynanýaryn! Saňa iman edenleriň we Seni kabul edenleriň ebedi ýaşaýşynyň bardygyny we sud edilmeýändiklerini, olaryň ölümden ýaşaýşa geçendiklerini Seniň Özüň aýtdyň. Saňa minnetdar, ýa Reb!*

*Gökdäki Atam! Men Isa Mesihe ynanýaryn, Seniň Sözüňe ynanýaryn. Isa Mesihi kabul edenleriň Seniň çagaň bolýandyklaryny Özüň aýtdyň. Men Seniň Sözüňe ynanýaryn. Indi menem Seniň çagaň! Bu beýik hormaty uly şatlyk hem minnetdarlyk bilen kabul edýärin!*

*Sen Öz Sözüňde iman edenleriň Mukaddes Ruh sylagyny aljakdyklaryny aýtdyň. Men Seniň bu Sözüňe ynanýaryn we Senden haýyş*

*edýärin: şu wagtdan başlap, hemişelik meniň ýüregimde Öz Mukaddes Ruhuň bilen mesgen tut.*

*Men öz durmuşymy Saňa we Seniň erkiňe bagyş edýärin — men öz işlerimiň hemmesini, pikirlerimiň hem sözlerimiň hemmesini Seniň tabynlygyňa berýärin! Sen — meniň Hudaýymsyň, meniň Rebbim hem Halasgärimsiň! Meniň durmuşym ömürlik Seniňkidir!*

*Rebbim, Hudaýym hem Halasgärim, şeýtandan we onuň ygtyýaryndan, onuň işleriniň hemmesinden, durmuşymda onuň bilen baglanyşykly bolan zatlaryň hemmesinden el çekýärin. Sen, Rebbim, meniň Mukaddes Hudaýym, öz durmuşymy Saňa berýärin we Seniň ýaşaýşyňy Öz şöhratyň üçin kabul edýärin! Omyn!*»

Eger sen bu dogaňy ýürekden eden bolsaň, onda Rebbiň seniň ýürek islegiňi ýerine ýetirendigine hiç hili şübhe ýokdur. Indi sen — Hudaýyň çagasy. Sen Onuň: «Emma Ol Özüni kabul edenlere, adyna iman edenlere Hudaýyň perzentleri bolma ygtyýaryny berdi» (Ýohanna 1:12) — diýýän Sözüni bilýärsiň.

Saňa «Hudaýyň perzentleri bolma ygtyýary» diýen söze üns bermegi maslahat berýärin. Indi sende ygtyýar bar. Günäniň, synaga düşmäniň, öz üstüňden ygtyýaryň bar. Bu wagta çenli günäniň seniň üstüňden ygtyýary bardy, indi bolsa, sende onuň üstünden ygtyýar bar. Şol ygtyýardan peýdalan. Öz

pikirleriňde, sözleriňde we işleriňde diňe Hudaýyň Sözüne, diňe Onuň islegine esaslanmagy özüňe öwret. Bu çapyksuwarlaryň atlara üstündäki adama tabyn bolmagy, jylawa tabyn bolmagy öwredeninde, atlaryň daşynda ylgap aýlanyşyna meňzeş bir zatdyr. Şeýdip, sen teniňi özüňde ýaşaýan Mukaddes Ruhuň güýji bilen tabyn edip bilersiň. Şonda sen wagtyň geçmegi bilen öz häsiýetiň hem üýtgäp başlandygyny görersiň.

Bu güýji sarp etmän, imanda berkemegiň we mukaddeslikde bolmagy öwrenmegiň üçin her gün Injili okamagy maslahat berýärin. Muny etmeklige her gün az bolanda ýarym sagady bagyş etmegi maslahat berýärin. Gowusy ondan köpräk wagt tap. Özüň üçin Hudaýa doga etme wagtyny kesgitle. Özüňi doga-dileg etmäge öwrenişdirmek üçin belli bir wagtda doga etmegi maslahat berýärin. Ertir bilen, günortan hem agşam doga etmek gowy işdir. Şeýle hem, günüň dowamynda ýüregiňde köp gezek, islendik zat üçin, islendik mesele üçin ýüregiňde doga etmegi öwrenmegi-de maslahat berýärin. Janyň saňa minnetdar bolar.

Indi saňa ýene bir örän wajyp maslahaty bermek isleýärin: Injil wagyz edilýän, diňe Isa Mesihe sežde edilýän ýygnagy tap (imanlylar bilen gatnaşmasaň bolmaýar) we suwda çokundyrylmany kabul et. Suwda çokundyrylmany belli bir derejede nikalaşma bilen deňeşdirmek bolar. Suwda çokundyrylmak bilen mesihi Isa Mesihiň ölümine hem ölümden direlmesine

deňeşdirilýär. Isa Mesih: «Kim iman edip çokundyrylsa, halas bolar, ýöne iman etmedige höküm ediler» (Mark 16:16) — diýýär.

Isa: «Şonuň üçin, gidiň-de, bütin milletleri şägirt ediň, olary Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň ady bilen çokundyryň. Size tabşyran ähli zatlarymy berjaý etmegi olara öwrediň. Men dünýäniň soňuna çenli siziň bilen bolaryn. Omyn» (Matta 28:19–20) — diýip buýruk berdi. Ýagny sende Isa Mesihiň özüň üçin eden zatlary hakynda başgalara şaýatlyk etme gullugyň bar.